# Çekirtge

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Çekirtge ÇEKIRTGE




Gar ýagan dek bolup, inip asmandan,
Ekinleri harap etdi çekirtge.
Ýere kölge salyp geldi her ýandan,
Ekinleri harap etdi çekirtge.
Adamlar öňünde howsala düşdi,
Bedrelerin kakyp, düýbüni deşdi,
Nirä barsaň gykuw, kelleler göçdi,
Ekinleri harap etdi çekirtge.

Torgaýdan kiçi däl, reňki sary,
Hanjak uçsa, gidýär toplanyp bary,
Kowalaň, geçmesin derýadan bäri,
Ekinleri harap etdi çekirtge.

Peri owaz edýär uçanja bady,
Bir beladyr, kime aýdaýyn dady,
Gawun bolsun, garpyz bolsun, ýa kädi,
Ekinleri harap etdi çekirtge.

Garasar haýykdy, muňa kär etmez,
Olar gonan ýerde hiç bir zat bitmez,

Hak dep etsin adam çäresi ýetmez,
Ekinleri harap etdi çekirtge.

Ne ekini goýýar, ne-de ot goýýar,
Bir bölegin kowsañ, ýüz müñi taýýar.
Göýä sowuklan dek burç, sogan iýýär,
Ekinleri harap etdi çekirtge.

Hüjüm etse gorkuzýandyr guşlary,
Haraplar bu bela ýakyn-daşlary,
Kemhasyl goýdy-la zähmetkeşleri,
Ekinleri harap etdi çekirtge.

Kökün ýere urup, butnaman durýar,
Şahlaryn gyşardyp, ganatyn gerýär,
Biriniñ yzyndan bir müñi dörýär,
Ekinleri harap etdi çekirtge.

Mämmetguly (1868-1931). Goşgular